# Owgan dowzahy

Category: Kitapcy,Publisisistika
написано kitapcy | 24 января, 2025
Owgan dowzahy OWGAN DOWZAHY

Eger demokratiýa, hukuk, erkinlik ýüpüne mäkäm ýapyşmasa we Günbataryñ gymmatlyklaryndan ýüz öwürmäge dowam etse… Türkiýe-de bu dowzahyñ içine düşüp biler.
Sözümi uzatmak islämok. Aýdyşym ýaly, owgan dowzahy heniz-heniz sönjege meñzänok we dowzahyñ ýalny köp ýeri çabrap alarly görünýär. Bu dowzaha Türkiýe-de düşüp biler, eger demokratiýa, hukuk, erkinlik ýüpüne mäkäm ýapyşmasa we Günbataryñ gymmatlyklaryndan ýüz öwürmäge dowam etse, Amerikasydyr Ýewropasy bilen garpyşyp ýörse…
Häzir Owganystanda diñe Taliban ýok. Kabul howa menzilini gan kölüne öwren YŞYD-em bar. YŞYD-ne çatylgy El-Kaide hem bar.
Ýurduñ etniki düzümi-de garym-gatym.
Talibanyñ agramly bölegini puştunlar tutýar, emma ýurtda Eýran bilen ýygy aragatnaşyk saklaýan şaýy hazareýlerem bar, täjiklerem bar, özbeklerem bar. Aý, garaz, ýok adam ýok…
Şeýle-de bu etniki gurluşa aýdanyny etdirýän radikal dinçi toparlanmalar Owganystandan Päkistana, Orta Aziýa, Ýakyn Gündogara, Eýrandan Yraga, Siriýa we elbetde Türkiýä çenli uzaýar.
YŞYD, El-Kaide, Taliban ýaly radikal dinçi toparlar üçin bütin bu agzalan ýurtlar Türkiýe bilen birlikde iñ soñky derejede gorag şertlerine eýe.
Türkiýede-de YŞYD-am, El-Kaide hem, Talibanam bar, başga radikal dinçi toparlaram bar. Hususanam YŞYD-iñ Türkiýede amala aşyran ganly terror aktlaryny ýada salyñ. Bu toparlaryñ agzalary diñe siriýaly, owganystanly göçegçilerden ybarat däl. Ýurdumyza syzýan radikal dinçi toparlarda türklerem bar. Orta Aziýadan Ýakyn Gündogara çenli aralykda gaty uly oýun oýnalýar…
Taryhy gadymy zamanlara uzaýan bu oýunda radikal dinçi toparlar öñden bäri taşeron (субподрядчик, subcontractor)

deregne ulanylýar.
Amerikasy, Ýewropasy, Russiýasy, Hytaýy we nebit tüçjary Pars aýlagynyñ ýurtlary, Eýrany, Ysraýyly we Erdoganyñ Türkiýesi-de bar bu oýnuñ içinde…
Taraplar biri-birilerini durnuksyzlaşdyrmak, pese düşürmek üçin ençeme ýyl bäri oýnuñ içinde birgiden hapa oýunlary gurnaýarlar we oýnaýarlar…
Erdogan Türkiýesine geler bolsak…
Kellesi bulaşyk!
Uzak wagtdan bäri howply suwlarda ýüzýär.
Boýundan aşýan başarmajak uly işlerine-de baş goşýan wagty bar.
Erdogan ýeke özi öz diýenine tutup, Türkiýäniñ ýüzüni näçe ýyl bäri usullyk bilen kem-kemden Günbatardan Gündogara tarap öwürýär.
Režimi bir ýandan awtoritarlaşdyrýar, bir ýandanam bilniksizje yslamlaşdyrýar.
Erdoganyñ bu oýny örän howply. Hatda eýmenç…
Çünki ol bu oýny bilen Türkiýäni "dowzah çukuryna" iterip biler.
Ýene bir gezek tekrarlap aýdýaryn:
Owganystanda tutaşan dowzah ody gerekli öñüni alyş işleri geçirilmese, Türkiýä-de syçrap biler.
Bize bir syçramazlygyny, bizden bir daş bolmagyny isleýän bolsak, ilkinji nobatda hemmämiz jem bolup "demokratiýa ýaranlygyny" gurup, Erdogana "Hoş gal!" diýmäge, soñam demokratiýanyñ we hukugyñ üstünligini, dünýewiligi, zamanabap we güýçli döwleti ýurdumyzda çaltlyk bilen gurmaga mejburdyrys.
Gaýtalap aýdýaryn:
Owgan dowzahynyñ ody öz ýurdunda sönerli däl we daş-töweregine-de ýalyn barsyny sowurjaga meñzeýär.
Kabul howa menzilinde bolup geçen ganly akt munuñ ilkinji tragiki mysaly…
Bu dowzaha Türkiýe-de düşüp biler, eger demokratiýa, hukuk, erkinlik ýüpüne mäkäm ýapyşmasa we Günbataryñ gymmatlyklaryndan ýüz öwürmäge dowam etse, Amerikasydyr

Ýewropasy bilen garpyşyp ýörse…

Hasan JEMAL.

"T24" internet gazeti, 28.08.2021 ý. Publisisistika